# Çünki men çopanyñ gyzy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Çünki men çopanyñ gyzy ÇÜNKI MEN ÇOPANYÑ GYZY



Gül bolup siñjek ýazlara,
Çünki men çopanyñ gyzy.
Aýdym boljak, heñ-sazlara,
Çünki men çopanyñ gyzy.
Her saba sährada ören,
Çölleriñ yşkynda ýören,

Giñ ýaýlada Hydyr gören,
Çünki men çopanyñ gyzy.

Teşne kalbym, mähre ýakan,
Gyzylgül diýp, ismim dakan,
Örküm sähra baglan eken,
Çünki men çopanyñ gyzy.

Diñ sal,säherdäki ýaña,
Ýañym eşdilýändir saña,
Bakylyk ber, sähram maña,
Çünki men çopanyñ gyzy.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular